**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2019-njy ýylyň 21-nji noýabryndaky**
**№127 buýrugy bilen tassyklanyldy**

# № 24-e «Elektrobalans, energetiki enjamlaryň düzümi we elektrik stansiýalarynyň (elektrogenerator desgalarynyň) işi barada hasabat» (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça

# GOLLANMA

## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Döwlet statistik hasabatlylygyň № 24-e «Elektrobalans, energetiki enjamlarynyň düzümi we elektrik stansiýalarynyň (elektrogenerator desgalarynyň) işi barada hasabat» formasy boýunça hasabaty döwlet eýeçiligindäki ähli senagat kärhanalary, şeýle hem ministrlikleriň we pudak edaralarynyň balansynda durýan Türkmenistan bilen bilelikdäki we daşary ýurtlaryň gatnaşmagyndaky gatyşyk eýeçiligindäki kärhanalary, eýeçiliginiň döwlete dahylsyz, işgär sany 50 adamdan köp bolan senagat kärhanalary tabşyrýarlar. № 24-e formasy boýunça hasabat formanyň salgy bölegindäki görkezilen salgylara we möhletde tabşyrylýar.

2. Döwlet statistik hasabatlylygyň № 24-e formasyna tutuş ýuridiki şahs boýunça maglumatlar, ýagny olaryň ýerleşýän ýerlerine garamazdan, bu ýuridiki şahsyň hemme şahamçalary we bölümçeleriniň düzümleri boýunça maglumatlar goşulýar. Ýuridiki şahslar döwlet statistik hasabatlylygyň görkezilen formasyny olaryň hakyky ýerleşýän ýerleri boýunça tabşyrýarlar.

Zerur bolanda, welaýatyň, etrabyň, şäheriň statistika edarasynyň görkezmesi boýunça tutuşlygyna ýuridiki şahs boýunça döwlet statistik hasabatlylygyň formasy bilen birlikde onuň beýleki welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň çäklerinde ýerleşýän şahamçalarynyň maglumatlaryny aýyrmak bilen tabşyrylmaly. Bu şahamçalar döwlet statistik hasabat formasyny ýerleşýän ýerleri boýunça özbaşdak tabşyrýarlar.

3. Magistral elektrik ulgamlar, şäherleriň, şäherçeleriň, oba etrap merkezleriniň elektrik ulgamlary № 24-e formany tabşyrmaýarlar.

## 1 BÖLÜM. ELEKTROBALANS

4. «Öndürilen elektrik energiýasy» 01-nji setirde hemme elektrik stansiýalary we energogenerator desgalary tarapyndan öndürilen elektrik energiýasynyň möçberi barada maglumatlar görkezilýär. «Daşyndan alynany» (brutto) 02-nji setirde alynan elektrik energiýasynyň mukdary görkezilýär. 01-nji we 02-nji setirleriň jemi 03-nji setirde elektrik energiýasynyň jemi girdejisi ýaly görkezilýär.

5. «Jemi sarp edileni» 04-nji setirde sarp edilen elektrik energiýasy barada maglumatlar görkezilýär, ol daşyna goýberilen elektrik energiýasynyň sanyny aýyrmak bilen, bu gurama tarapyndan öndürilen we daşyndan alnan elektrik energiýasynyň möçberine deňdir.

6. 05-nji setirde tehnologiki işler, ýagny eretmek, elektroliz, elektrik arkaly kebşirlemeklik, guratmak, gyzdyrmak we ş.m. üçin her dürli elektrik apparatlary bilen sarp edilen elektrik energiýasynyň sany görkezilýär.

7. «Elektrik herereketlendirijiler bilen (hereket ediji güýjüne)» 06-njy setirde guramanyň elektrik stansiýalarynyň öz zerurlyklary üçin hyzmat edýän elektrik herereketlendirijileri aýyrmak bilen, guramanyň hemme elektrik hereketlendirijileri tarapyndan sarp edilen elektrik energiýasynyň sany görkezilýär.

8. «Önümçilik we administratiw jaýlary ýyşyklandyrmak üçin» 07-nji setir boýunça önümçilik jaýlaryny ýyşyklandyrmak üçin sarp edilen elektrik energiýasy, administratiw jaýlarynyň zerurlyklaryna (ýyşyklandyrmak üçin, hasaplaýyş we guramaçylyk-tehniki işleri üçin, lift hojalygy we ş.m., şeýle hem zawodyň çägini ýyşyklandyrmak üçin) sarp edilen elektrik energiýasynyň jemlenen çykdajysy goşulýar.

Guramanyň elektrik stansiýalarynyň önümçilik jaýlaryny ýyşyklandyrmak üçin sarp edilen elektrik energiýasy goşulmaýar.

9. Eger guramada tehnologiki zerurlyklara, hereket ediji güýçler üçin, jaýlary ýyşyklandyrmaklyga sarp edilen elektrik energiýasynyň aýratyn hasaby ýok bolsa, onda elektrik energiýasynyň sarp edilişi hereketlendirijiniň, elektrik enjamyň, ýyşyklandyryjy enjamyň kuwwatlygy we olaryň işiniň sagat sany boýunça kesgitlenilýär.

10. Elektrik stansiýalarynyň jaýlaryny ýyşyklandyrmak üçin sarp edilen elektrik energiýasy bilen bilelikde, guramanyň elektrik stansiýalarynyň öz zerurlyklaryna hyzmat edýän elektrik hererektlendirijileri bilen sarp edilen elektrik energiýasynyň sanyny «Elektrik stansiýalarynyň öz zerurlyklaryna sarp edileni» 08-nji setirde görkezmek gerek.

11. 09-njy setirde bu guramanyň çägindäki zawodyň elektrik ulgamlaryndaky ýitgiler, transformatorlardaky, öwrüjilerdäki, generator-motorlardaky we beýleki üýtgediji gurluşlardaky ýitgiler barada maglumatlar görkezilýär.

12. 10-27-nji setirlerde gurama degişli ykdysady işleriň esasy görnüşleri boýunça we ilata elektrik energiýasynyň goýberilişi barada maglumatlar görkezilýär.

## 2 BÖLÜM. 1-nji ÝANWARA ÖNÜMÇILIK IŞINE HYZMAT EDÝÄN ENERGETIKI ENJAMLARYŇ DÜZÜMI (ELEKTRIK STANSIÝALARYŇ ENJAMLARYNY HASABA ALMAZDAN)

13. 2 bölümde önümçilik işlerine hyzmat edýän energetiki enjamlaryň sany we kuwwatlygy barada maglumatlar görkezilýär.

01-nji setirde mehaniki hereketlendirijiler boýunça maglumatlar görkezilýär, olara: bug turbinalary, lokomobiller, dizeller we beýleki işçi maşynlara, sorujylara, kompressorlara, bughowagyzdyryjylara, ýük göteriji-ulag enjamlaryna (transportýorlar, awto ýük düşürijiler we ş.m.), zawodyň içerki ulaglaryna hyzmat edýän hereketlendirijiler degişlidir. Eger mehaniki hereketlendirijiniň kuwwatlygy at güýjünde görkezilen bolsa, ony kilowattlara geçirmek gerek (1 a.g. = 0,736 кWt).

14. 02-nji setirde gös-göni işçi enjamlar bilen ýygnalan elektrik hereketlendirijileri, şeýle hem zawodyň içerki ulaglaryna hyzmat edýän hereketlendirijileri (elektrik kranlar, elektrik ýük ýükleýjiler, elektrokarlar, elektrik konweýerler) goşmak bilen 0,25 кWt we köpräk kuwwatlykly elektrik hereketlendirijiler boýunça maglumatlar görkezilýär.

## 3 BÖLÜM. ELEKTRIK STANSIÝALARYNYŇ (ELEKTROGENERATOR DESGALARYNYŇ) IŞI HAKYNDA HASABAT

15. 3 bölümde her bir elektrik stansiýasy (elektrik generator desgalary) boýunça öndürilen elektrik energiýasynyň kuwwatlygy we sany barada maglumatlar aýratyn görkezilýär.

16. 3 bölüm boýunça jemleýji jem 1 bölümiň 1 sütüniniň 01-nji setiriniň maglumatlaryna deň gelmelidir. 4 sütünde hasabat ýylynyň 1-nji ýanwaryna kuwwatlyk bilen deňeşdirilende hasabat ýylyndan soňky 1-nji ýanwara kuwwatlygyň üýtgemeginiň sebäbini görkezmeli.

**Senagatyň statistikasy we seljerişi müdirligi**